# Seniň yşkyňda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Seniň yşkyňda

SENIŇ YŞKYŇDA

Özge daragtlaryň miweläp bary,
Gül döken çagynda enar gülledi.
(Ybraýym Ýusup, garagalpak şahyry).

Enarlar ýetişdi seniň yşkyňda.
Gülap gaýmaklaşdy seniň yşkyňda.
Tümmül ýaňagyna,
Güller şähdine
Perwanalar düşdi seniň yşkyňda.

Aý-aýy çalyşdy seniň yşkyňda,
Pasyllar tirkeşdi seniň yşkyňda.
Ýad ülkeden gelen,
Durnalar, guşlar
Ganat ýaýyp uçdy seniň yşkyňda.

Olar hoşlaşdylar günüň yşkynda,
Men el bulap galdym seniň yşkyňda.
Bir zat sargajakdym ýuwdunyp galdym!
Giň asmana düşüp gözüm-görejim
Bir görsem gamaşdy seniň yşkyňda.

Bir zat sargajakdym
seniň yşkyňda,
Ol zat seň saraýyň
Ýa–da salgyňmy?
Ýa ýuwuz ýyllarda
Senden aýyran
Zalym aýaralykdan
Galan algymmy?

Bir zat sargajakdym, galdym ýuwdunyp.
Käte adam dillenmeýär
Ýaýdanyp.
Ýelmaýama ýükläp tapan-tupanym,
Ýürek sarwanymy
Günükdirjekdim.
Ah! Salgyma duşdy seniň yşkyňda.

■ DILLENDIŇ

Dillendiň
Uzak ýýllaryň agysyn
Nalasyn dillendiň
Gözleriňden gaçdy hyjran düwmesi
Indi maňa galan
Soňky dertleň duýmasy
Gözleriňden gaçdy hyjran düwmwsi
Emma bir damjasam
Ýere dammady
Nemli düwmeleriň
Gerşime damdy

Sen agladyň
Uzak–uazak  ýýllaryň agysyn
Onsoň
              Irkildiň…
Meni bolsa
käte hiç ýatyrmaýar
Ýürek horkuldym.

Gapur HOJA.

Goşgular